Ispaniýanyň günbatarynda, Walensiýanyň merkezinde 2 sany ýaşaýyş jaýda güýçli ýangyn boldy. Azyndan 13 adam, şol sanda 6 sany ýangyn howpsuzlygynyň işgärleri ejir çekdiler.

Ýangyn Kampanar raýonynda 14 gatly jaýda öýlän başlady we güýçli şemal sebäpli goňşy jaýa hem geçdi.

Hadysanyň bolan ýerine 22 sany ýangyn söndürijiler ugradyldy, şeýle hem halas ediş işlerine Ispaniýanyň adatdan daşary ýagdaýlar bölüminiň esgerleri gatnaşdylar. Ýerli habar beriş serişdeleriniň aýtmagyna görä, jaýdan dykyz tüsse çykdy, birnäçe ýaşaýjylary balkondan halas etmeli boldy.

Ispaniýanyň Premýer-Ministri Pedro Sançes Walensiýadaky elhenç ýangyna ähli zerur kömekleriň berlendigini mälim etdi.

Все права защищены